# Iş ýerimden soraman alan zatlarymy näme etmeli?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

**Sorag:** Esselämu aleýkum muslim doganlar! Mende şeýleräk çylşyrymly sorag ýüze çykdy! Kimiñ öýünde ýüp ýaljak haram zat bolsa, doga-dilegi kabul däl diýilýär. Indi şeýle sorag: Biri hökümet işinde işleýän wagtynda, hökümete degişli bolan turba ýa-da galaýy we şuña meñzeş zatlary iş ýerinden birugsat alýar! Alan zatlaryny hem öz öýü üçin ulanýar! Soñra bolsa bu eden işiniñ haramdygyna düşünýär! Indi bu adam näme etmeli, şol zatlary öýünden söküp yzyna tabşyrmalymy ýa-da hökümede pul bermelimi? Sag boluñ!

**Jogap:**

Waleýkum esseläm we rahmetullahi we barakatuh.

Biz siziñ soragyñyzyñ jogaby üçin **Medinedäki Yslam üniwersitediniñ** mollymlaryndan biri bolan, hadysçy **Şeýh Doktor Abdullah el-Buhara** ýüzlendik!

Siziñ soragyñyza Şeýhiñ jogaby şu:

1- Toba etmeli!

2- Hökümetden birugsat alan zadyny yzyna tabşyrmaly!

***Medine Yslam Uniwersitediniñ mollymy: Şeýh Doktor Abdullah el-Buhari.***

Peýda üçin tobañ şertlerini ýatlatmagy makul bildik!

Tobañ şertleri:

1-Eden ýa-da edip duran günäsini, derrew terk etmeli!

2-Eden günäsi üçin ökünmeli, puşman bolmaly!

3-Günäni gaýtadan etmezlige karar bermeli!

Eger üç şertden biri kem bolsa, toba kabul bolmaz!

Eger-de eden günäsi ynsanlardan biriniñ haky bilen baglanşykly bolsa, onda tobañ şerti dört bolýar! Ilkinji üçüsi ýokarda aýdanlarymyz!

Dördünjisi bolsa kime haksyzlyk eden bolsa, şondan ötünç dilemek: Mysal üçin: Eger biriniñ mal-mülkinden bir zat ogyrlan bolsa, ol zady yzyna gaýtarmaly ýa-da ogyrlan zadynyñ eýesinden ötünç sorap, hakyny halal etdirmeli!

Başgada muña mysal hököminde töhmet, gybat ýaly bir kişä haksyzlyk edilen ýagdaýlary mysal berip bileris!

Haram iýen kişiniñ doga-dileginiñ kabul bolmaýandygynyñ delili Sahyh Muslimde geçen hadysdyr.

Ebu Hureýreden (radiallahu anh) rowaýat edilýär: "Soñra Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) **uzak ýolagçylyga çykan, saçy bulam-buçar we üsti başy tozanly adam barada gürrüñ berdi. Ol kişi ýolda ellerini göterip Allaha: Ýa Robbi, Ýa Robbi diýip, ýalbaryp doga-dileg edýärdi.** Emma onuñ dilegi kabul bolmaýardy. **Çünki onuñ iýeni haram, içeni haram, geýeni haram we haram iýdirip ulaldylan.** Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) hadysyñ soñunda: **Nädip Allah Tagala onuñ dilegini kabul etsin diýýär!?**"[1]

Ol kişi dar ýagdaýda galan bolsada, Allah Tagala onuñ dilegini kabul etmeýär.

Bu hadysda gaty möhüm zat barada habar berilendir eziz musulman doganlar! Kim haramdan iýse, içse, geýse, iýdirilen bolsa, doga -dilegi kabul boljak däldir!

Nireden we nämeden gazanç edýänimize, çagalarymyza näme iýdirýänimize gaty üns bereliñ doganlar!

Haram iýýän adamyñ, wagtyñ geçmegi bilen edeb-haýasynyñ gidýänligi, binamyslaşýanlygy görilýän zatdyr.

Günümizde jemgyýetimizñ içinde haýasyzlygyñ köpelýänliginiñ bir sebäbi hem şudyr!

Näme günä etsekde, hökman toba edeliñ! Toba gapysy hemişe açykdyr! Günä etmek, ýalñyşmak ynsan ogluna mahsus zatdyr. Emma esasy zat, günäden toba etmekdir.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu barada şeýle diýýär: **“Günäsine toba eden kişi, göýä ol günäni hiç etmedik kişi ýalydyr.”** [2]

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

*1-Sahyh Muslim (23), 51.*

*2-Ibn Mäje /4250*